***Parahatsöýüjilige, agzybirlige, ynanyşmaga, özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen ata Watanymyzyň içeri we daşary syýasaty Ýer ýüzünde ýokary gyzyklanma hem-de uly abraýa eýedir. Şunda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygyna aýratyn orun degişli bolup, «Dialog — parahatçylygyň kepili», «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgelerimiziň halkara hyzmatdaşlygy berkitmekdäki ähmiýetiniň ýokarydygyny buýsançly bellemek gerek. Çünki türkmen Bitaraplygynyň özeninde dünýäniň asudalygy, umumadamzadyň abadançylygy we bagtyýarlygy, hoşniýetli, dostana gatnaşyklaryň berkidilmegi ugrundaky tagallalar jemlenendir.***

Islendik ýurduň durnukly ösüşi üçin parahatçylyk baş şert bolup durýar. Agzybirlikde alnyp barylýan işler özüniň oňyn netijelerini berip, dürli ugurlarda ýokary netijeleri gazanmaga uly mümkinçilik berýär. Şoňa görä-de, eziz Diýarymyzyň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli syýasaty dünýä ýüzünde uly goldaw tapýar. Bitaraplyk ýörelgelerini üstünlikli durmuşa geçirýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi hem munuň aýdyň nyşanydyr.

Milli Liderimiziň «Bitarap Türkmenistan» atly kitabynda şeýle diýilýär: «Bitarap Türkmenistan beýleki döwletler hem-de abraýly halkara guramalary bilen gatnaşyklaryny deňlik, birek-birege hormat goýmak we netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerinde gurmak bilen ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, rowaçlygyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydygyny iş ýüzünde tassyklaýar». Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan üçünji gezek kabul edilmegi bolsa ýurdumyzyň Bitaraplygyna dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha berilýändigini alamatlandyrýar.

Umuman, Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy halkymyzyň parahatçylyk medeniýetiniň ýokarydygyndan habar berip, häzirki wagtda ýurdumyzy parahatçylygy döredijі merkez hökmünde tanadýar. Hormatly Prezidentimiz bu babatda şeýle diýýär: «Biziň Bitaraplygymyz dünýä halklaryny belent maksatlara birleşdirýän, parahatçylygy hem-de dost-doganlygy ösdürýän ýörelgämizdir. Alyp barýan Bitaraplyk syýasatymyzyň berkarar döwletimiziň Ýer ýüzündäki abraý-mertebesini has-da pugtalandyrmakda uly ähmiýeti bardyr». Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde Türkmenistan döwletimiz bilen dünýä döwletleriniň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilmegi, netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň kämilleşdirilmegi hemişelik Bitaraplygymyzdan gelip çykýan aýdyň maksatlaryň barha rowaçlanýandygynyň özboluşly beýanydyr.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Oguljennet AŞYRMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň uly mugallymy.**

Все права защищены